## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1401 S. A. Nurberdiýewe Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçi diýen diplomatik derejäni bermek hakynda**

**Silapberdi Aşyrgeldiýewiç Nurberdiýewe** Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçi diýen diplomatik derejäni bermeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 22-si.*
*№ PP-5822*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1402 S. A. Nurberdiýew hakynda**

**Silapberdi Aşyrgeldiýewiç Nurberdiýewi** Türkmenistanyň Awstriýa Respublikasyndaky (Wena şäheri) Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi wezipesine bellemeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 22-si.*
*№ PP-5823*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1403 A. T. Ataýewa hakynda**

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky (Nýu-Ýork şäheri, Amerikanyň Birleşen Ştatlary) Hemişelik Wekili **Aksoltan Töreýewna Ataýewany** şol bir wagtda Türkmenistanyň Braziliýa Federatiw Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi wezipesine bellemeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 29-y.*
*№ PP-5824*



# IKINJI BÖLÜM

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARLARY

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

**1404 Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligi hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak hem-de Ministrligiň garamagyna edara-kärhanalary bermek hakynda**

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzyň jemagat hojalygyny mundan beýläk-de ösdürmek, önümçilik işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de jemagat hojalygy boýunça işleri has-da kämilleşdirmek we «Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligini döretmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 8-nji aprelinde çykaran 5756-njy Permanyny hem-de «Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrliginiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 8-nji aprelinde çykaran 11594-nji kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligi hakyndaky Düzgünnamany tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Gurluşyk ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri şu karara goşulýan sanawa laýyklykda öz garamagyndaky edara-kärhanalary ähli binalary, desgalary, maddy-tehniki serişdeleri we enjamlary bilen bilelikde Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrliginiň garamagyna bellenen tertipde muzdsuz bermeli.

Tabşyrmak-kabul etmek işlerini 2011-nji ýylyň 1-nji iýulyndaky ýagdaýa görä geçirmeli.

3. Türkmenistanyň Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän kärhanalar üçin göz öňünde tutulan ýeňillikleri Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrliginiň garamagyndaky ýitgili meýilleşdirilýän we býujetden kömek puly berilýän kärhanalara hem degişli etmeli.

4. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary D. Orazow, T. Japarow, Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministri A. Ýagşimammedow, Türkmenistanyň Maliýe ministri